# Syçanyñ äre çykyşy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Syçanyñ äre çykyşy SYÇANYÑ ÄRE ÇYKYŞY

Syçanbike ýol bilen jaýtyldapjyk barýardy,
Är agtaryp özüne töwerege garýardy:

Murt taban bir köpek ýatyr anha dalanda,
«Parçalasa näderin bir gahary gelende?!»

Parhsyz bakyp, köpegiñ geçip gitdi deñinden,
Gara-läbik durşuna doñuz çykdy öñünden.

«Ýok, mundanam är bolmaz, barypýatan hapysa,
Üst-başy añkap dur, çydap bilmerin ysa!»

Ynha jahyl taýhar beg, hiç-neneñ däl görmegi,
Ýöne welin oña-da gelin bolup barmagy,

Oñlamady Syçangül, «Depip çykar gözümi,
Beýle jebre-süteme dözüp bilmen özümi!»

Gabat geldi gara goç, ýeteninde öwrüme,
«Şahy dagy näteñet, parsa girjek böwrüñe!»

Duşdy epeý öküzçe, guýrugyny bulaýlap,
Syçan ökje göterdi geliberse golaýlap,

Şol barmana bir pişik çykdy onuñ ýolundan,
«Azar berdi kim size?!» habar aldy halyndan.

Demin dürsäp, Syçangül timar berdi özüne,
Salyhatly Myr-Myrat ýakdy onuñ gözüne.

Beýle syratly ýigde gabat gelmändi heniz,
Göz gamaşýar köwşünde, üst-başy diýseñ tämiz!

Tutup tirsejiginden Syçanbikäñ eliniñ,

Öýne çenli ugratdy, süýjüdigin diliniñ!

Ýomak aýdyp ýolboýy, güldürdi «jykyr-jykyr»,
«Ahyrsoñy oñat är tapdym, hudaýa şükür!

Meniñ bilen toý tutman sypmaz pişik beg indi»,
Diýip, Syçambikejik baý begenmek-begendi.

Ýeser eken pişigem şatyr-şutur ogşaýdy,
Syçanbike şondan soñ has-da eräp-lagşaýdy:

– Men-ä size baraýjak!
– Menem sizi alaýjak!
Toý tutmaly etdiler iki günden ylaýjak.

Gelin öýden örmedi toý gününiñ ertesi,
Çykaranja ýerinde galdy köýnek-kürtesi,

Hiç kim oña şondan soñ duşmady içde-daşda…
…Kim bilen durmuş gurýañ, oñatja oýlan başda!

Hemra ŞIROW. Goşgular